**3. Meteorologiýa babatda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Türkiýe Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda hyzmatdaşlyk Ylalaşygy.**

**Gol çekilen senesi: 2023-nji ýylyň 26-njy oktýabry.**

**Umumy maglumat:**

Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkiýe Respublikasyna resmi saparynyň dowamynda gol çekildi.

Türkiýe Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan bu ýurduň Daşky gurşaw, şäherçilik we howanyň üýtgemegi ministri gol çekdi.

**Esasy maksady:**

Taraplaryň arasynda howa çaklamalary, howanyň üýtgemegi we howa maglumatlaryny seljermek babatda hyzmatdaşlyk etmek hem-de bu ugurda tejribeleri we meteorologiki maglumatlary alyşmak.

**Esasy ugurlary:**

1. Meteorologiýa we deňiz meteorologiýasy babatynda ylmy we tehniki maglumatlary we resminamalary alyşmak,
2. Oba hojalygynyň meteorologiýasy, howanyň we howanyň üýtgemegi boýunça hyzmatdaşlyk etmek,
3. Bilermenleri, ylmy barlag işgärlerini, maslahatçylary we işgärleri alyşmak,
4. Bilelikdäki maslahatlary, duşuşyklary, okuw maksatnamalaryny we tanyşdyryş saparlaryny guramak,
5. Bilelikdäki taslamalary taýýarlamak we durmuşa geçirmek,
6. Howany çaklamak üçin açyk ulanyşdaky sanly howa çaklama modelleri we sebitleýin howa modellerini işletmek üçin goldaw bermek,
7. Hemra we meteorologik radarlaryň maglumatlaryny ulanmak boýunça tehniki goldaw bermek,
8. Howply meteorologiki hadysalary, esasanam tozanly we çägeli tupanlary, kenarýaka suw joşmalaryny çaklamak üçin meteorologiki çaklama modellerini mugt ulanmak,

9. Gözegçilik ulgamlaryny (meteorologiýa radary, radiozondlar we awtomatiki meteorologiki gözegçilik beketleri) gurnamak we işgärleriň tehniki taýýarlygy,

10. Awtomatiki meteorologiýa gözegçilik beketlerinde (OMGB) ulanylýan datçikleriň kalibrlemesi (temperatura, çyglylyk, basyş, ýeliň ugry, pluwiometr we piranometr),

11. Meteorologiki telekommunikasiýasy we ony ulanmak.

**Hereket ediş möhleti:** 5 ýyl hereket edýär.